# Türkmene ýaran ogul -3/ dowamy

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Nukdaýnazar,Romanlar,Söhbetdeşlik,Sözler,Taryhy şahslar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Türkmene ýaran ogul -3/ dowamy

**5. Atabaýewiň mert ölümi**

K.M. 1954-nji ýylda arhiwlere bardym diýdim-ä, şonda men bir adamyň ýazgysyny gördüm. Şol ýazgy meni bir tolgundyrypdy, dogrusy, ýerimden turup, bökenimi duýman galyp¬dyryn. Ol adamyň aýatda diriligini eşidipdim. Adyna Karpyç diýilýär, Wasiliý Fýodorowiç. Aýalynyň adam Galina Fýodorowna. Akylly maşgala.
Karpyç bilen Atabaýewiň bile işländigini, onuň Atabaýewiň sekretary bolandygyny bilýäris. Onuň Atabaýewiň ýazgylaryny düzeden ýerlerem bar. Ýogsa, Atabaýew örän sowatly, bilimli ūadam bolan. Uzak, hatda birnäçe güne çekýän ýygnaklar bolupdyr. Maýakowskiý ýygnakçylary ýöne ýere tankyt etmän ekeni. Ýazylan protokollary soňra ýygnakda çykyş edenleriň özlerine görkezýän ekeniler, gerek bolsa, düzedişler edipdirler. Men şondan ikije mysal getireýin. Nedirbaý Aýtakowyň, Atabaýewiň, Hojaýewiň, Ykramowyň düzedişlerini deňeşdirip gördüm. Öz elleri bilen düzedip¬dirler, geň ýeri, olaryň çykyşynyň stenografçy tarapyndan ýazylan wariantam çatylan. Atabaýewiň düzedişini görüp, kanagatlanaýdym. Hatynyň owadanlygy, sözlemleriniň kebşirlenişi, sowatlylygy göwnümden turaýdy. Menem oba mekdebini gutarsamam, uruş döwri frontda boldum, soňra uniwersiteti rus dilinde tamamladym, ýöne Atabaýewiň rus dilini bilşi, ýazyşy ýaly başararyn diýip biljek däl. Öwrümler¬ine haýran galýan. Tekste düzediş girizmegiň tärlerini şondan öwrendim.
Soňra Karpyçyň gözlegine çykdym. Şu ýerde Karpyçyň awtograf

ýazyp beren kitapçasy bolmaly, stoluň burçunda durandyr. 1954-nji ýylyň 8-nji oktýabrynda men Karpyçyň öýüne barypdym. Ol ýaşynyň bir çene barandygyna garamazdan süňňi sagat, çeňklenen ýaly ykjam goja ekeni. Aýalam degişgen ekeni.

T.J. Aýalyň degişgen bolaýmasa, onça ýaşap, sagat bolup boljakmy!

K.M. Hawa-da! Aýaly: bu adam köp geplär, ähli diýenini ýazjak bolubam oturma diýdi, degişýä-dä. Karpyç maňa üç kitap berdi, biri Çärjew hakynda, 25-nji ýylda çykypdyr, özüm ýazdym, özüm çykardym diýdi. “Stroýka naçalas!” diýýär. Ol obkomyň sekretary bolup işläpdir. Soňra Atabaýew hakynda jikme-jik gürrüň berdi, geň zatlar eşitdim. Ol maňa bir zadam diýdi: ”Beh, beh, ol dokumentleri saňa beräýdilermi? O-ho, olary häzir maňa-da bererler öýdemok” diýdi. Şondan soň, Moskwa barsam, olara barman gaýdamokdym. Gawun dagy eltäýseň, begenjiniň çägi bolmazdy, tanyşlaryny çagyryp, meň mähriban Türkmenistanymdan getirilen zat, dadyň diýerdi.
Men Karpyçdan Atabaýewiň ölümi hakynda takyk fakt¬lary eşitdim. Şu zatlary ol bende gözüne ýaş aýlap aýtdy.
1937-nji ýylda Atabaýewiň elinden ähli hukugy alyndy diýdi. Men ol mahal Moskwada Paskutskiý bilen işleýärdim diýdi. Men Atabaýewiň ölüminden habarly, jikme-jik bilýän, meniň ýaly bir adamam bilýän däldir, sebäbi özümiň bilýänlerim, üstesine-de Paskutskiden eşidenlerimem az däl diýip, aglap gürrüň berdi.
1937-nji ýylda ýagdaý juda agyrlaşyp, töweregine çyzyk aýlananyna göz ýetiren Atabaýew Moskwa geldi. Adatça, ol Moskwa gelende bizi tapýardy, öýe gelerdi, Galina Fýodorownanyň çaýyny içerdi diýdi. Atabaýewiň gelmeziniň öň ýanynda Aşgabatda partiýanyň plenumy bolupdyr. 1937-nji ýylyň fewral aýynyň aýagynda ilki Moskwada plenum geçýär, mart aýynda-da şol plenumyň kararlary Aşgabatdaky plenumda işläp geçilýär. Merkezi Komitetiň 1-nji sekretary Popok (Popok Ýakow Abramowiç) bilgeşleýin etdimi, nämemi, onçasyny biljek däl, şol plenumda doklad etmek Atabaýewe tabşyrylypdyr. Atabaýew göwnemese-de, hökman edäýmeli diýýärler. Ýogsa, plenum

partiýanyň plenumy ahyry, Atabaýewiň doklad etmegi hökmanam däl. Dokladdan soň Atabaýewe erbet soraglary ýagdyryp başlaýarlar. Mysal üçin, bir sowaly aýdaýyn: “Sen näme üçin Gurhany öwrenmeli diýipsiň? Näme üçin sowet adamlary Gurhany öwrenmelimişler?”.
Indi Atabaýewiň jogaby: “Gurhany öwrenmän, Gurhany tankytlap bolmaz. Gurhanyňam hemme ýerini tankytlap bolmaz, onuň gowulygy ündeýän ýerlerem bar-a. Men sözüm-den dänemok, ýöne meniň sözümi üýtgetmän aýtmak gerek, kesä çekmän aýtmaly – diýýär. – Onsoňam bizde kadr ýok diýýärsiňiz, bizde kadr kän, ýöne olary ulanmagy başarmaly. Rus dilini bilmek hökman däl-ä. Rus dilini bilmän, türkmen¬çe oýlanyp bilýän başarjaň adamlarymyz bar. Eýse, Mykgy Lorsyň akyly, başarnygy kimiňkiden pes, şolam rus dilini bilmeýänleriň biri” diýýär.

T.J. Men Mykgy agany tanaýan, oglankam onuň öýüne barardym, kakam bile gowy gatnaşykda bolan adam. Dogrudanam, rus dilini bilşi ýagdaýlydy, Mary raýispolkomynyň başlygy bolup işleýärdi, il arasynda abraýy belent ekeni. Men ellinji ýylyň faktyny aýdýan.

K.M. Atabaýew ýene: ”Aýal-gyzlar meselesinde soňky wagtda tankyt köpeldi – diýýär. – Aýal-gyzlara göwnejaý ylym-bilim bermän, eýse biz täze jemgyýet gurup bilerismi? Aýallara iş bermeli, ýöne olaryň ukybyna laýyk, başarjak işlerini bermeli” diýýär.
Atabaýewiň şu aýdan dogry sözi bilen bagly, öz göwnümde dykyn alyp duran garaýşymy aýdaýyn-la! Birki adamyň adyny agzaýjak.

T.J. Aýdyberiň, ýaşuly, biz söhbet edip otyrys-a, bu taryh ahyry!

K.M. Şu Pälwanowa ýaly aýala ylym berip, wezipe berip, ilki ylymlaryň kandidaty, soňra doktor, akademik edip, min¬istr edip, ýa-da bolmasa, Bazarowa ýalaka Türkmenistanyň Ýokary Sowetiniň Prezidiumynyň başlygy diýen ýokary wezipäni ynanyp, biziň ýitiren zadymyz utanymyzdan on-ýigrimi esse köpdür. Nälet şonuň ýaly ýolbaşçylara! Şuny ýüregim bilen aýdýan.

Atabaýewiň sözüniň üstünde kän oýlandym. Paradoks diýen bir gowy söz bar. Gel-gel, Pälwanowa Atabaýew hakynda makala ýazýar! Paradoks! Atabaýew ýalyny gömen, ölenden soň ýene gömen, gaýtalap ýene gömen pälwanowalar! Indi şol makala ýazýar! Biýem durmuşyň bir paradoksy. Atabaýew şol mahal aýdyp bilipdir, men şuňa haýran galýan. Şo-da Atabaýewe ýöňkelen bir günä: sen aýallary kemsidýärsiň, sen olary işe çekeňok, seniň edaraňda aýallar ýok diýýärler.
Atabaýew ýok edilenden soň Gurbangözel Alyýewa, Alty¬baýewa diýen ýaly aýallary ýokary işlere çekdiler. Altybaýe¬wa öýlenip, onuň segsen halysyny Moskwa paýlap doktor bolan Aga Garryýew diýen bir taryhçy bardy. Taryh kaýda, Aga Garry kaýda! Gapdala gitmäýin…
Atabaýewi şonda tankytlaýarlar, günä baryny ýükleýär¬ler. Popok egrem-egrem, erbet-erbet soraglar berýär, soňam: ”Seniň özüň azat däl, ýüregiň abat däl, bu zatlary gurup ýörenleriň biri sen!” diýýär.
Atabaýew jogap berýär: ”Sen maňa töhmet atma. Eger aýdyşmaly bolsa, meniňem saňa aýdybiljek zatlarym kän” diýýär.
Plenum gutarýar, Atabaýew ýagdaýyň çensiz agyrlygyny bilýär. NKWD Atabaýewiň diýenini edenok. Eden-etdilik bilen adamlary basyp gidip otyrlar. Biziň çykaran kitaby-myzda bardyr, Türkmenistan basylan adamlaryň ilat başyna düşýän sany boýunça SSSR-de birinjilik alypdyr. Soňra Pop¬ogy başga işe geçirýärler, Rossiýa gidýär, onuň ýerine Anna¬muhammedow diýen birini goýýarlar.
Atabaýew dalda, goldaw gözläp Moskwa gidýär. Türkmeniň kadrlaryny gyryp gidip otyrlar, heý, bir çykalga bolmazmy diýen umyt bilen Moskwa barýar, Staline ýüz tutýar, Molotowa ýüz tutýar, kabul edenoklar. Rudzutaga ýüz tutmakçy bolýar, Rudzutagyň eýýäm basylanyndan habary ýok. Rudzutak şol mahal WSSPS-iň, profsoýuzyň başlygydy. Atabaýew kabul edenok diýip Rudzutakdan göwünem edýär. Soňra Kaganowiçe ýüz tutýar, sebäbi öň bile işläpdi. Ka¬ganowiç öň Daşkent sowetiniň başlygy bolan. Edarada bolma¬ny üçin Kaganowiçiň öýüne barýar. Çaý başynda Kaganowiç ertir meniň ýanyma bar diýýär.
Ertesi barsa Kaganowiç oňa: häzir Stalin, Molotow örän işli,

seniň meseläň, esasan, Ýežowa degişli mesele, sen şoň ýanyna bar diýýär. Kabinetden Ýežowa til edýär, Ýežowam gelsin diýýär.
Şol gün 1937-nji ýylyň iýul aýynyň on biri güni bolmaly. Atabaýew Ýežowyň ýanyna gidýär, şondan soňam Atabaýewi gören ýok. Basýarlar. Sorag üstüne sorag! Ezýet, zorluk, sütem! Ahyry bir gün oňa, ynha, Hojaýewiň, Ykramowyň, Sähetmyradowyň, Paskutskiniň sen hakynda ýazyp beren¬leri diýýärler, Çary Wellekowyň görkezmesi bar diýip biljek däl, şondan beýlekileriniňk-ä bar. Gurbansähedowyňkam bar. Gurbansähedow-a hökümete berilmekde halys öte-de geçipdir. Sähetmyradowam gaty gidipdir. Asyl bu adam başdan Atabaýew bilen oňuşmandyr. Sähetmyradow rusofil, öte düşen bolşewik, çensiz lewak (çepçi), türkmeni uçdantut¬ma gyrmaly diýseňem, taýýar durjak adam. Bu zatlary taryhy hakykatyň hatyrasyna aýtmaly bolýar.
Sähetmyradow Atabaýewe gün bermeýär, ezýet berýär, ahyrda Atabaýewiň tarapdarlary köp bolýar-da, 1927-nji ýylda Sähetmyradowy Merkezi Komitetiň sekretarlygyndan boşadýarlar-da, Moskwa işe iberýärler, soň Gazagystanda ülke komitetinde işleýär. Ahyrda Atabaýewe garşy goýmaga adam gerek bolanda, Sähetmyradowy ýene tapýarlar.
Indi juda tolgundyryjy pursaty aýtmaly bolýan. Nedirbaý Aýtakowy getirýärler. Aýtakowam tussaglykda otyr, türme¬den getirýärler. Merdana, arassa adam. Gaýgysyz Atabaýew Aýtakowy başdan gowy görüpdir. Olaryň biri-birine şübhe eden ýerini duýmadym. Aýtakow Atabaýewi depesine göterip gezipdir. Türkmenistan Respublikasy döredilende dik durup, Atabaýewe hemaýat berenem, ähli zerur dokumentlere gol çekenem Aýtakow. Ony SIK-iň başlyklygyna hödür edenem Atabaýew.
Nedirbaýy Atabaýew bilen ýüzleşdirýärler. Ynha, seniň ýaranyň, hiç mahal seniň garşyňa iş görmedik, geplemedik adam, indi şuň sözüni diňle diýýärler. Şonda Nedirbaý aýdýar: “Gaýgysyz, boljak zat boldy, hemme zat boldy, boýun alaly. Sen başlykdyň, men seniň ýaranyňdym, ýanyňdadym, “Türkmen azatlygy” diýen guramany guranam ikimiz, indi sypjak ýerimiz ýok” diýýär. Gaýgysyz Nedirbaýyň ýüzüne seredýär-de: “Nedirba-aý, namartlama, peselme, saňa gelişmez, bize gelişmez” diýýär.

Nedirbaý paýradyp gözýaş dökýär. Şol ýerde Nedirbaý ýykylýar, ony süýräp alyp gidýär¬ler. Ony şondan soň gören ýok.
Atabaýewi kamerasyna getirýärler. Ine, şu ýerde ýene bir tolgunyp aýdylmaly, örän täsirli pursat bar. Hawa-a… Gün geçýär, aý geçýär, fewral gelýär, fewralyň haýsy günüdigini bilemok, belki, muňa çenli Aýtakowam, Hojaýewem, Rudzutagam atylandyr, indi şaýadam gerek däl. Has köp saklanan adam Atabaýew bolaýýar, otuz sekizinji ýylyň fewraly. Atabaýew ýatan kamerasynyň gapysyny kakýar, sülçini çagyryň diýýär.
Atabaýew sülçä: men gije ýatmadym, kän oýlandym, sen meniň aýtjaklarymy dogry ýaz, boýun aljak diýýär. Sülçi ony Lubýankanyň içindäki käbinetine getirýär. Atabaýew görkezme berip ugraýar, ýüklenýän galp günäleri etdim diýip görkezýär. Birdenem sülçiniň üstüne topulýar. Onuň sesini çykartmaly däl, gapyň aňyrsynda ýaragly adamlar häzir bolup durlar. Garaz, sülçiň oturgyjyny alyp, basýar bokurdagyna, demini bermän, ony öldürmegi başarýar. Şu işi edip, uludan bir demini alyp oturýar, soňra gapyny urýar, gelenlere: ”Meni äkidiň, muny men öldürdim, men ubiýtsa (adam öldürdim), ýöne dönük däl – diýýär. – Men watan dönügem däl, içalam däl, men sowet gurluşyna, onuň syýasatyna, watanyma, Türkmenistana berlen adam! – diýýär. Meniň okan dokumentler¬imde şeýle sözler bar: – Men dönük däl, meni adam öldüren hökmünde atarsyňyz!” diýýär.
Bu waka 1938-nji ýylyň fewralynyň başynda bolýar.
Şu ýerde bir takyklamaly zat bar. Ýazyjy Paporow Karpyç bilen 1988-nji ýylda duşuşýar, şol “Ýunost” žurnalynda çap edilen makalasynda Karpyçy gepledip, hamala, Atabaýew halys çydaman sülçiniň üstüne zyňanmyş, sülçem Atabaýe¬wi atanmyş. Karpyçyň maňa aýdany ýokarda beýan edişim, saňa aýdyşym ýaly. Karpyçy görendigim hakynda dokument meniň elimde. Segsen sekizinji ýyl nire, elli dördünji ýyl nire?! Taryh dokument bilen iş salyşýar, men siziň öňüňizde dokument bilen gürleýän.

T.J. Siziň wersiýaňyz boýunça Atabaýew has belent görünýär. Dönük hökmünde atylanyndan, adam öldürdi diýip atylanyny amatly görüpdir.

K.M. On gezek, ýüz gezek belent. Atabaýewi Atabaýew edýän ýerem şonda dälmi eýsem! Şahsyýetligi şonda dälmi eýsem! Meni atyň, öldüriň, ýöne men dönük däldirin diýýär!

T.J. Napoleon Waterloo söweşinde okdan öldi diýdirjek bolup, okuň ýagyp duran ýerine özüni zyňýaram welin, hiç ok degenok. Hakyky serkerdä laýyk ölüm isleýär. Atabaýewiň ölşüni, ynha, sizden eşidip otyryn welin, Napoleonyň bolşy ýadyma düşäýdi. Atabaýewiň töhmetem bolsa, dönük diýen günä bilen ölesi gelenok, öz mertebesine laýyk ölüm gözleýär.

K.M. Napoleon diýeniň ýadymda, menem okapdym. Ol hakda akademik Tarleniň Taleýran hakyndaky kitabynda-da ýazylýar.

T.J. Manfredde-de bar.

K.M. Atabaýew ýaly bolup ölmeli, onuň ýaly ölümden soň adamda arman galmaly däl.

T.J. Ony soň öldürip bolmaýar.

K.M. Ony taryham, taryhçam öldürip bilmeýär. Kimi öldürseňem, Atabaýewi gaýtadan öldürip bolmaz. Çişirmegiň tarapdary däl men, ýöne türkmen ýaşasa, Atabaýewiň ady öçmez, Atabaýew ölmez diýjek. Ony öldürjek bolup azara ga¬lyp ýörmegiň geregem ýok.

T.J. Beýik adamlar özleri üçin ölýärler diýilýär.

K.M. Men şu taýda bir rowaýat aýdaýyn-la, belki, siziň eşiden bolmagyňyzam ähtimal. Bir belendiň biri özündenem belent dosty bilen ele düşýär. Belent adam belent dostuny ha¬las etmek üçin elinden gelenini edýär welin, netije bermeýär. Onuň iki sany ogly bar ekeni, öz ýaşy-da bir çene barypdyr. Meni atyň, ýöne dostumy goýberiň, sebäp men onuň derejes¬ine ýeten adam däl diýýär. Ýok, biz seni asjagam däl, atjagam däl, biz seniň iki ogluňy atjak, şondan soň dostuňy goýber¬eris diýýärler… Belent adam razy bolýar, atyň diýýär. Geň galýarlar. Näme beýle diýýärsiň, belki, ýaşap ýörseler seniň ogullaryňam belent adam bolup ýetişerler diýýärler. Şonda belent adam olara jogap

beripdir: men ogullarymyň nähili adam bolup ýetişjeklerini entek bilemok, emma dostumyň ägirtligini bilýän. Iň esasam ol ile gerek, halka gerek diýýär.
Gowy rowaýat!

## 6. Häkimler hem şahsyýet

T.J. Hakykatdanam, Atabaýew beýik şahs! Taryhda adyny galdyran, taryhdan öçmejek şahsyýet. Siz: ”Taryha girip bolýar, taryhdan çykyp bolanok” diýdiňiz. Atabaýew hakyn¬da soňky ýyllaryň dowamynda birgiden adam ýazmaga synanyşdy. Berdi Kerbabaýewiň romany hakynda-da gürrüň gozgadyk. Häzirem biziň taryhy şahslarymyz hakynda şahsyýet derejesine göterilmekden iňňän daş duran adamlar ýazjak bolup ýörler, ýazýarlaram.
Size bir ýagdaý mälimdir. Ynha, Magtymguly, Mollanepes ýaly beýik şahyrlar hakynda, şolaryň döredijiligine çuňňur düşünmän, olaryň matlabyna, mertebesine göz ýetirmän, olaryň duran ýerinde büs-bütin durup bilmejek adamlar kys¬sa ýazyp, drama eserini döredip, kinofilm surata düşürip, diňe özleriniň döredijilik biografiýalaryna fakt goşan bolmasalar, hakyky sungat, edebiýat eserini döredip bilmediler. Şol belent şahslary olaryň mertebesine laýyk belentlige galdyrmagy başarmadylar. Öňi bilen munuň degerli sebäbi diýip bellemeli zat, synanyşyk eden adamlaryň özleri şahsyýet derejesinden daşdaky adamlar. Özüň pes bolup, sen nädip belentlikdäkini görjek?!
Biz häzir Atabaýew hakynda söhbet edip otyrys. Atabaýewiň taryhy ornuny kesgitlemäge synanyşýan taryhça nähili häsiýetler mahsus bolmaly diýen sowala siziň ünsüňizi çekmekçi bolýaryn.

K.M. Elbetde, bu sowala kyn sowal diýip oturybersem, juda ýöntemlik bolar. Taryhy taryh edýän, wakany waka edýän şahsyýet! Waka bolubersin, näçe belent bolsa boluber¬sin, ýöne şol belent wakanyň başynda belent şahsyýet bol¬madyk ýerde ýaňky belent waka-da ýitip gidýär. Şahsyýet diýeniň wakanyň sütüni, özeni, düýbi. Asla taryhyň özi bir subýekt, ol adam

barada gürleýär. Adam bolan ýerde-de adamyň deň boljak umydy ýok. Dürli şertlerde-de onuň deň däldigi belli bolup gidip otyr. Diýmek, belent waka-da belent şahsyýet gerek! Şahsyýet bolan ýerde waka waka bolýar, tary-ham taryh bolýar. Şonuň üçinem belent adam hakynda ýaz¬mak üçin öňürti özüňi barlamaly ahyry! Kim sen? Sen kim? Şahsyýetiň golaýyna barmaga hukuk gazandyňmy sen? Tebi¬gat, Allatagalla ozalynda beripmi saňa şony? Şuňa ýapyşsam, nähili bolarka diýmeli dälmi? Käbir şahsyýet barada biri ýazýar, ýene biri ýazýar, şolary gazetlerde okap, lapyň keç bolýar. Toba tagsyr, bu belent adama ýapyşýanlar kimler diýýärsiň! Meniň mysallarym bar, ýöne gürrüň belent adam hakynda barýarka, men olary ara sokmaýyn.

T.J.Aýdyň, aýdyň, deňeşdirme hemişe peýdaly.

K.M. Bir mysal. Soňky ýyllarda Gylyçdurdy Sähetmyra¬dow diýen ýaş adam orta çykdy. Dogrudanam, öz derejes¬inde şahsyýet. Akylly adam, paýhasly adam köp meselä üns beren adam. Ol meniň bilen ýakyn boldy. Ol oba ho¬jalyk ministridi. Şol wagt respublikalaryň arasynda moda öwrülen bir iş bardy, pagtaçylaryň özara barlagy diýerdiler. Sähetmyradowam her ýyl diýen ýaly delegasiýa ýolbaşçy edip, Özbegistana ibererdiler. Onuň aglaba saýlap alýan marşruty Horezm oblasty hemem Garagalpagystandy. Baranda hökman meni tapardy, öýümde bir käse çaý içip gaýdardy. Bir gezek baranda: “Ýaşuly, men siziň bilen tirkeşip gezmedim, ýöne birhili-birhili gürrüňler eşidýärdim” diýdi.
Men şu adamyň belentligini bildim. Meniň Garagalpagy¬standan öz ýurduma dolanmagyma sebäp bolanlaryň birem Gylyçdurdy Sähetmyradowdyr. Ol Agajan Babaýewe: “Sen-ä Ylymlar Akademiýasynyň prezidenti bolup otyrsyň, menem partiýanyň Merkezi Komitetiniň sekretarlygyna göterdiler, Kakajan aga-da ilinden awara bolup gezip ýörse, ikimize us¬lyp däldir, alyp gaýdaly, basym Akademiýa saýlaw boljak, habarçy çlen edeli, akademik edeli” diýipdir. Onýança-da ol ölüp ýetişdi, Agajan Babaýewi wezipeden aýyrdylar. Yzy hakynda geregi ýok, gürrüň ol hakda däl. Gylyçdurdynyň Garagalpagystana baranda öýüme

baryp, oturyp-turşup, ýaşuly, men sizi görmek üçin şu ýere gelýän diýmegi meni gaty tolgundyrypdy.
Şol görnükli adam hakynda soň makala ýazyp başladylar. Men içimi çekip otyryn, gel-gel, Gylyçdurdy şularyň eline düşmelimi, şol adam hakynda şular ýazmalymy diýýän. Ine, men bir mysal diýip şuny aýtjak boldum. Öz temamyza dolanaly.

T.J. Şu ýerde menem bir zat aýdaýyn. Gylyçdurdy hakyn¬da gürrüň gozgadyňyz. Menem Gylyç bilen belli bir dere¬jede gatnaşan adam. Söhbetdeş bolýardym. Ol biziň eserl-erimizem okaýardy, kinolarymyzam, spektakllarymyzam görýärdi, premýeralaryň ýekesini-de sypdyranokdy, opera-balet teatryna çenli ýetişýärdi. Pikirlenişem gowudy, emma sistemada terbiýelenen adamdy, sistemanyň ölçeginden çykmaga döwtalap däldi, ýogsa dünýägaraýşy çäk goýlan serhetden aňyrdaky zatlary görmäge ukyplydy. Özi babatda bolsun, beýlekiler babatda bolsun, edilýän adalatsyzlyklara gaty gowy düşünýärdi, ýöne sistemanyň içinde orun alyp oturany üçin olara garşy bir söz aýdybilmän, ähli zady içine salyp, elli ýaşda agyr derde uçrap, aramyzdan gitdi. Ýogsa, kakasy, ejesi togsana ýetip dünýäden ötdüler, berk tohumdan bolmaly. Şahsyýet hakynda gürrüň edýäris, sistema şol derejä göteriläýmeli adamlaryň depesinden basýardy, ýa-da Ata¬baýew ýaly beýikleri ýok edipdi. Taryh ylmynda-da birnäçe hakykaty aýdyp biläýjek hakykata göz ýetirip bilýän adam¬lar dişlerini gysyp, etmeli işi etmän gitdiler. Sistemanyň ter¬biýesi, onuň kalba salan aýylganç gorkusy hatda şol adamlary gizlin töwekgellige ýüz urmakdanam saklaýardy. Şu taryhy hakykaty iň bolmanda özüm üçin bir ýazaýyn diýägeden, göwnündäkini kagyza geçirip, stolunda ýygşyryp goýan bol¬salar-da boljakdy, şonam edip bilmändirler.

K.M. Sen şu meseläni aňyp galdyrdyňmy, ýa-da düşünmän galdyrdyňmy, aýdyp biljek däl, ýöne gozgan meseläň örän wajyp mesele. Menem aýdaýyn, diňle meni. Bu ägirt mesel-ä! Belent şahsyýet boljak bolsaň, sistemadan belende galmagy başarmaly. Galyp bilmedik ýeriňde, sen ýarpy ýolda ölýärsiň, ýene

gaýtalaýyn, ýarpy ýolda ölýärsiň! Ýarym hakykatyň içinde ölýärsiň. Bu ugurda mende mysal kän.

T.J. Ýaňy ýarym hakykat bilen baglylykda Kerbabaýewiň romany hakynda-da aýtdyk.

K.M. Ýene birini mysal alaly, ulusyny. Ýöne Kaka¬jan aga belent adama ýapyşaýdy-la, munam kemsidäý¬di-le diýdirmegin maňa. Şaja Batyrowam sistemanyň beren ezýetlerine, kemsitmelerine çydaman ölenleriň biridir. Baty¬row sistema berlen adamdy, durky bilen berlen adamdy, ber¬ilmäge zady bar adamdy. Ýöne bir zady başarmady, ähli zady içine saldy, özüni horlady. Birki sapar infarkt bolup ýykyldy. Men bir zadyň şaýady. Batyrow ölen güni Balyş Öwezow onuň göwnüne degipdir. Batyrow bilen Öwezowyň arasynda bolan wakalaram gürrüň ber diýseň, soň gürrüň bererin, bu özbaşyna bir mesele. Olary uruşdyrdylar. Şol gün partiýanyň plenumynda Şajanyň üstünden düşýär, soň söz berlende, Batyrow tribunada durka ýykylýar.
Eger seniň şahsyýet bolmaga hyýalyň bar bolsa, tebigatam azda-kände bir zat beren bolsa, ýagşylara, danalara, taryhy tejribä salgylanmaly, şolara meňzejek bolmaly, şolardan sapak almaly. 1918-nji ýylda Lenin Krupskaýa bilen Gorkiden Mosk¬wa gelýärkä, daňdanlar olaryň maşynyny banditler saklaýar. Banditlere gerek zat pul. Lenin çykaryp, ýanyndaky barja puly berýär, maşynam berýär, pyýada gaýdýarlar. Krupskaýa Leninden näme beýtdiň diýip soraýar. Lenin: Men pylankes ahyry, eger men häzir garşylyk görkezen bolup, banditiň elinden ölüp gitsem, nähili bolar? Men ölmeli däl, ýitmeli däl, meniň maksadym bar, etmeli işlerim bar, şolaryň hatyrasyna men özümi saklamaly diýýär.
Men bu taýda Leniniň nähili maksadynyň bolandygyny aýtjak bolamok, onuň beren jogabynyň şahsyýetlere häsiýet¬li jogapdygyny aýtjak bolýan. Esasy maksadyň hatyrasyna ol kompromise, ylalaşyga gitmegi, zerur bolsa, kemsitmä çy¬damagy-da kiçilik bilenok. Jemläp aýtsak, belent adam bol¬maga dalaş edýän bolsaň, sen ýagdaýa görä hereket edip, öňde duran has uly wezipeleriň hatyrasyna özüňi saklamagy

başarmaly. Namys eden kişi bolup, sähel ýerde ýüregiňi tutup oturmajak bolmaly. Sen näçe çalt ýykylsaň, duşmanyň şonça-da göhi gelýär.

## 7. Taryhy kim ýazmaly?

T.J. Indi men esasy söhbedimize dolanjak. ”Taryhy nähi¬li ýazmaly? Kim ýazyp biler?” diýen sowaldan başladyk. Sistemanyň emri bilen dogruçyl taryhyň ýazylmajagyna, hökümetiň, partiýanyň döreden topary arkaly-da ýazyp bol¬maýandygyny sowet taryhy öwreniş ylmynyň tejribesi aýdyň görkezdi. Siz bu ýagdaýlara belet adam. Ýa-da patyşalaryň, hanlaryň gapdalynda ýörite taryhçylary bolýan ekeni. Mysal üçin, Nedir şanyň gapdalynda bolan Muhammet Kazymy, Muhammet Astrabatly. Olaryň hersi üç-dört tomdan ybarat taryh ýazýar. Olar hakykaty ýazmakdan daşdaky adamlar, olara hakykaty ýazmaly diýenem ýok. Olar Nediriň islegine görä iş edýärler. Başga-da bir sapak alarlyk mysal. Häzir Rossiýada rewolýusiýadan öňki taryhçylaryň: Solowýowyň, Karamziniň, Klýuçewskiniň we beýleki bolşewikler tarapyn¬dan kitaplaryna atanak çekilen alymlaryň işlerine dolanylýar. Olar bitarap, gaýduwsyz, garaşsyz bolmaga çalşan adamlar, taryhyň hakykylygyndan mertebe gözlän adamlar. Gynan¬sagam, bizde öň türkmeniň anyk taryhyny ýazan taryhçy¬larymyz ýok. Soňam sowet sistemasynda bolduk. Taryhy Merkezi Komitetiň ideologiýa direktiwalary esasynda ýaz¬dyk. Indi türkmen taryh ylmynyň şu güni, geljegi hakynda sizem oýlanyp ýören adam. Taryhy ýazmagyň perspektiwasy hakynda nähili pikir edýärsiňiz? Şu gün hakyky taryh ýa-zylarmy? Ýa bu iş ýene ertä goýlarmy? Bu işi nähili adamlar bitirerkäler?

K.M. Sen maňa juda bir agyr sowal berdiň. Sowet döwründe taryhdan ylym alyp, özüni taryhçy diýip taýýar¬lan, taryhdan ýazyp, kitaplar çykardyp giden adam kän. Eger taryhçy däl diýägeden olaryň hemmesiniň üstüne atanak çekip oturybersek, bu bir aýylganç zat bolmazmy?

T.J. Men hakyky, dogruçyl taryhyň nukdaýnazaryndan, şonuň öňündäki borç bilen bagly gep gozgaýaryn. Elbetde, tutuş

atanak çekmeli diýýän ýok. Şol adamlaryň ýygnan faktlarynyň özem bir gymmatlyk.

K.M. Men biraz gapdala sowlup aýdaýyn. Çeper edebiýat bar-a, sowet döwründe türkmen sowet edebiýaty diýlen zat bar-a, şonuň özem çeşme, gymmatly taryhy çeşme. Sebäbi, näme üçin ol adam şu wakany şeýle ýazman, beýle ýazypdyr diýmegiň özem çeşme. Ýöne ol ýazmaly zady ýazmady, bir-ä akyly ýetmäni, ukyby ýetmäni üçin ýazmady. Beýlekisiniň ukyby ýetse-de, gaýraty çatmany üçin ýazmady. Depede güýçli kötek dur.
Biz Hydyr Derýaýew barada köp pikir alyşdyk. Eger Hy¬dyr aga özüniň ýigrimi ýyllap bendilikde saklanan ýeriniň wakalary hakynda ýazan bolsa, iň bolmanda, seniň maňa aýdyp beren wakaň bar, bir çatmadan beýleki çatmalyga barýarka, öldürilen tussaglaryň doňan maslyklaryny garda dikeldip gidişlerini görüpdir diýdiň, şol hakynda ýazan bol-sa-da ägirt bolardy dälmi?

T.J. Hawa, menem şony Hydyr aga ýalbaryp aýtdym, şolary ýaz, gözüň bilen görüp, egniň bilen çekmeli bolupsyň, şolary ýaz, ömürlik galjak zatlar diýsem: ýok, ýok, olar hakyn¬da ýazyp bolmaz diýdi.

K.M. Aýdyp gowy edipsiň. Dile geldi, menem bir zat aýdaýyn. Bir gün irden Gurbandurdy Gurbansähedow maňa jaň edýär, çalt gel, bile nahar iýeli diýdi. Ýekesiräp etdimi, ýa gowy görüp etdimi, bilemok. Menem bu adamy gowy gördüm, syladym. Barsam, Warlam Şalamowyň “Kolymskiýe rasskazy” diýen kitabyny görkezip, “Şu kitaby okap, men tas däliräpdim, Hydyr Derýaýew iň bolmanda şu hekaýalaryň birini bir ýazan bolsa bolmaýarmy!” diýdi.
Menem ony köşeşdirjek bolup, Hydyr aga näçe tomdan ybarat belent roman ýazdy, şoň bilen at aldy, göterilip gitdi diýdim welin, “Göterilmänler geçse bolmaýarmy diýdi, şoň ýazan romanyny kim ýazanda bolmaýar?! Sibirde çeken hup¬batyny ýazmalydy, başga bizde ony ýazyp biljek ýok!” diýdi.
Ony ýazmak üçin başgarak adam bolmaly, Hydyr aga pakyr süňküniň ýiligi sorulan adam ahyry diýdim. Diýip durkamam,

içimden, ýüzüne diýmäge utandym, syladym ol ýaşulyny, seň ýazan zatlaryň näme diýjek boldum-da, soňam, äý, bolýa-la diýdim. Onuň özem ellinji ýyllarda gorkuzylyp, gaýdyp abat zat ýazyp bilmedik adam-a! Gürlände bir gowy gürlärdi. Gurbandurdy bilen bir gepimiz alşardy, Garagalpagystandan gelemde, meni özi tapyp aldy. Kaka¬jan, seni göresim geldi diýýär. Dünýägaraýşy giň, informa-siýasy diýseň kän, özem gül ýaly adam. Men ony ýürekden hormatladym, syladym. Ýöne ýazýan zatlarynda çyzykdan çykyp bilmedi. Şeýledigini onuň özem menden gowy bilýärdi diýsem, ýalňyşaryn öýdemok.

T.J. Düýn siziň özüňiz Berdi Kerbabaýew bilen bagly gowy fakt aýtdyňyz-a: Atabaýew hakynda gür beremde, dur, muny özüň ýaz, Kakajan, diýdi diýdiňiz-ä.

K.M. Berdi Kerbabaýewi öňem gowy görýärdim, ýöne şol sözünden soň hasam syladym-da.

T.J. Siziň aýdanlaryňyzy ýazyp bilmejegini boýun alyp¬dyr. Indi taryha geçeliň. Siz, Kakajan aga, şu gün taryhçy hök¬münde bile işleşip ýören adamlaryňyza gaty belet. Eýse, şol adamlar dogruçyl taryhy ýazarlarmy? Bizde taryhy öwreniş ylmynyň gelejegi nähili?

K.M. Sen gowy sowal berdiň. Biz ýene Atabaýewe dolan¬maly bolduk. Atabaýew Türkmenistan Respublikasyny döredip, hökümetiň başyna gelip, türkmeniň taryhyny öwrenmegi ýörite maksat edindi. Seniň ýokarda sanan ta¬ryhçylaryň Rossiýanyň taryhyny ýazdylar. Şolaryň käbiri, meselem, Karamzin rus patyşalarynyň mertebesini beýgeld¬ip ýazmaga synanyşanam bolsa, taryhy hakykaty gözden salmandy. Karamziniň kesgitli aýdan sözi bar: halkyň tary¬hyny ýazmak üçin halk bilen bile aglamagy başarmaly. Aglan ýerinde aglap bilseň, gülen ýerinde gülüp bilseň, şonda eliňe galam al, ýogsa, taryhyň gyrasyndan barmaga het etme diýýär. Şu jähtden garanyňda, hany biziň taryhymyzy ýazan adam? Iň beýik şahsyýetimiz Magtymguly, ol hem biziň ta¬ryhymyzy ýazmandyr ahyry! Magtymguly bize akyl-paýhas öwredipdir, oturyp-turmany öwredipdir. Ol şahyr. Ol

eserler¬iniň üçinde ady äleme dolan belli taryhy şahslaryň ýekesiniň adyny tutmandyr. Çowdur han, Fetdah, Döwletaly diýen ýaly adamlaryň adyny tutýar, ýöne şolaryňam kimdikleri barada anyk fakt aýdanok. Men Magtymgula bir zat diýjek bolamok, Magtymguly belendiň belendi, ol beýik şahyr, ol şygryýet dünýäsi bilen iş salyşýar.
Ýaňy sen Nedir şa bilen bagly bir mysal aldyň. Nedir şany türkmen diýip alsak, türkmendigini tassyk etsek, ýöne şanyň gapdalyndakylaryň ýazany barybir türkmeniň taryhy däl ahyry.
Şu ýerde bir mysal getireýin. Süleýmanyň, ýagny Solomonyň ýanynda bir taryhçysy bolupdyr, nirä gitse-de, ony ýanyndan aýyrmandyr. Günleriň bir güni taryhçydan ýazdyňmy diýip sorapdyr. Olam, ýazdym, ynha, şunça tom boldy diýipdir. Süleýman okapdyr-da: sen meniň taryhymy ýazmansyň, sen meni ýazypsyň, hany bu ýerde halk? diýipdir. Ýöne beýle diýmek üçin Süleýman ýaly dana bolmaly-da! Nedir şanyň ýanyndakylaram şonuň ýaly taryhçylar, diňe Nediri öwüpdirler, diňe Nediri mahabatlandyrypdyrlar, türkmenlere bolsa, gargapdyrlar. Onsoň ol türkmeniň taryhy bolup bilmez-ä.
Muny uzaklaşdyryp oturman, netijä geleli. Biziň taryhçylarymyz bolmandyr, şu hakykaty Gaýgysyz Atabaýew gowy bilipdir. Soňra nädipdir diýsene, muny tolgunman aýtmak mümkin däl. Opsýetden belent taryhçylary gözläp tapýar, Bartold, Ýakubowskiý, Zahoder, Popow, soňragyn¬dan Tolstow, soňundan Masson Mihail Ýewgenýewiç, Wadim Masson däl, Wadim Masson taryhçy däldir, gatam gidýän bo-laýmaýyn, onuň Altyndepesi gowy, ýöne türkmene dahylly edip ýazan ýeri ýok. Hawa, Wadim hakynda meniň aýratyn pikirim bar. Ol Roslýakowa meňzeş taryhçy. Uly Masson, Mihail Ýewgenýewiç Masson, maňa Hudaýyň bereni, men ilki bilen şonuň elinde işledim. Şulary tapan Gaýgysyz Atabaýew. Bularam ýokarda ady tutulan görnükli rus taryhçylarynyň ruhunda terbiýelenen alymlar. Bular bozulmadyk, bular syýa¬satdan daşda, bulara bolşewizmiň täsiri ýok. Atabaýew türk¬meniň taryhyny şu adamlara ýazdyrýar. Şeýdibem iki tom¬luk çykarylýar. Uruş başlamazynyň öň ýanynda çykandyr, daşy gök, iki sany galyň tom, adyna MITT diýilýändir. Türk¬mençeläp aýtsak: Türkmenleriň we Türkmenistanyň taryhy boýunça

materiallar. Gül ýaly materiallar, biri beýlekisinden gowy. Hatda Borozdin atly Çelekene sürgün edilen alymy ta¬pyp alýar. Ol 1954-nji ýylda türkmenler hakynda gowy maka¬la ýazypdy. 1946-47-nji ýyllar Ilýa Nikolaýewiç Borozdiniň elinde okamak maňa miýesser edipdi. Ine, şunça adamy gö¬zläp tapypdyr, türkmenler hakynda dürli dillerde çykan ma¬teriallary ýygnadypdyr. Netijesem ýokarda ady tutulan iki tomluk kitap. Şol kitap şu günem esasy çeşme bolup galýar. Bir ýygnakda men Ata Jykyýewe sorag berdim: men gödegrägem bolsa, saňa bir sorag bereýin: “Akademik Bartoldyň türkmeniň döreýşi hakyndaky işinden soň türkmen taryhy¬na näme goşduňyz?” diýdim welin, äý, bu kyn sowal diýdi. Kyn bolsa, jogap bermeseňem bolar, men hälki bir soraýdym diýdim. Ata Jykyýew: ”Goşan zadymyz ýok, material toplasak topladyk, ýöne täze bir zat aýtmagy-ha başarmadyk” diýdi.
Muňa Ata günäkärem däl, sistema, ideologiýa esasy günäkär. Bartold sistemadan öň ýazdy, ol sistema boýun boljak alym däl, emma Jykyýew boýun. Seniň beren sowalyň bir ýany şoňa baryp ýetýär. Şu ýerde men biraz öňräge gidip, bir zat aýdaýyn-la. Hol-ha, siziň gözüňiziň alnynda biziň çykaran kitabymyz dur. Şonda ellinji ýyllaryň başynda Türkmeni¬standa bolup geçen wakalar hakynda ýazmaly boldy. Hemme kişi ýazyp başlady, öňýeten Garryýew, Kösäýew hakynda ýazdy, ýazmak moda öwrüldi. Emma ýazanlaryň biri-de bir zat hakynda ýazmady, biz şony ýazmagy makul bildik. “Gor¬kut ata” meselesinde Mäti Kösäýew akademik Bartolddan bir ädimem öňe ätmedi. Mäti Kösäýew günäkärmi? Ýok, sis¬tema günäkär, jellat sistema bardy. Belki, Mäti Köse Bartold¬dan öwrenendir, has aňyrlaryna çenlem okandyr, köp zady aýdasam gelendir. Aýdyp bilmändir, aýtmak gadagandy. Ýol ýapykdy. Şuny biz şol kitapda ýazdyk. Häzir “Gorkut ata” diýip, galyň kitap çykdy, oňa türk alymy sözbaşy ýazypdyr. Men mundan gowy aýdyp biljek däl diýip, şol alym biziň kita¬bymyzdan şol ýerini göçürip alypdyr. Men syýasatyň edýän oýunlaryna serediň diýjek bolup aýdýan bu sözleri. Seniň ýaňky sowalyň çuň sowal.
Men bir ýygnakda gödegrägem diýdim, käbir adam halamady. Taryhçy arhiw bilen iş salyşýar. Taryh institutynyň iki

tarapynda-da arhiwiň jaýy bar diýdim, gaýramyzda, Mag¬tymguly şaýolunyň ugrunda uly arhiw, ilerimizde, Azady köçesinde – kiçi, ýa-da partarhiw. Birdenkä şolaryň ikisi-de ot alyp ýanaýsa-d,a gynanmasa bolar diýdim. ”Ol näme diýdigiň boldy?” diýip, Pälwanowa topuldy, şol wagt Roslýa¬kowam bardy. “Çto za postanowka woprosa?!” diýip gygyrdy.
Maňa dogry düşünjek boluň diýdim, göni manysynda düşünmäň. Elbetde, çeşme çeşmeligine galýar, ýöne ol arhi¬wlerde türkmeniň taryhy ýok, türkmeniň özi ýok diýdim. Ol ýerde türkmeniň garşysyna alnyp barlan syýasatyň ma¬teriallary ýatyr, sistemanyň materiallary ýatyr, bir tarap¬dan alsak, olaryň bize asla geregi ýok diýdim. Onda taryhy nädip ýazmaly diýdiler. Başga ýerlerden çeşme gözlemeli diýdim. Taryhçy taryhçy bolmaly, onuň öz garaýşy bolmaly, çeşmeleriň çür depesine çykmagy başarmaly, çeşmäni geplet¬megi başarmaly, ýöne çeşmä ýapyşyp ýatsa, ony üýtgewsiz hakykatdyr öýtse, ol taryhdan üzňe gider diýdim. Mysal ala¬nym ýadyma düşýär. Biziň taryhçylarymyz sowet-partiýa sis¬temasynda taýýarlanan taryhçylar, elleriniň işleýşem şonuň bilen bagly, akyl-paýhaslarynyň ýetişem şoň ýaly, pikir ediş usullaram öwredilişi boýunça. Şol bir boluş! Gaýtalanyp dur! Meselem, 1924-nji ýylda Türkmenistan Respublikasy döredildi. Şol hakda Ýazguly Hudaýberdiýew kandidatlyk dissertasiýasynam, doktorlygam ýazdy. Merkezi Komitetiň ideologiýa sekretarydy. Doktorlygyny goramanka öldi. Ol pakyr iki kitap ýazypdy, ikisem mende bar, hol-ha, tekjede dur. Ýene Kiselýew diýip biri ýazdy, iki tom! Ata Rejebowyň doktorlyk dissertasiýasam şol temadan. Şularyň üçüsiniň ýazan işlerinde, üstlerine dostum Muhammet Moşowam goşaýyn, dört adamyň ýazan işinde bir täzeligem ýok, iň bärk¬isi, Atabaýewiň örän jaýdar aýdan sözi bar, şony bir getiren bolsadylar, şonam etmediler. Atabaýew: ”Türkmenistanyň şondaky ýaly böleklenen ýeri ýokdur, hiç mahal bolan däldir. Ozal birek-birek bilen gatnaşyp ýören türkmen Oktýabr re¬wolýusiýasy netijesinde gönüden-göni üç bölege bölündi – diýýär. – Bir bölegi Rossiýanyň – bolşewikleriň golastynda, bir bölegi Eýranda, ýene bir bölegi Öwganystanda. Biri beýle-kisine baryp bilenok, görüp bilenok, serhetler

ýapyk!” diýýär.
Şuny Atabaýew diýýär! Hemmeden öňürti diýdi, hiç ýerde ýazylanok, ýaňky ylmy monografiýalaryň birindenem tapmarsyňyz. Muny özümem çap edip ýetişemok.
Meniň nygtajak bolýan zadym: sistema ölüdi, üýtgeşik pikir aýtjak gumanyň ýokdy, birek-biregi gaýtalap ýörme¬lidi. Öňürti kandidat, soňra doktorlyk adyny almalydy. Eger oňurgaň maýyşgak bolsa, eplenmäge ökde bolsaň, bigaýrat bolsaň, akademik bolmalydy. Depäňde Roslýakow ýaly zalymlar durdy, sistemanyň çenelen ýumrugy durdy. Şol sistemanyň emri bilen uly-uly kitaplar çykaryldy, emma olary okap bolagadan: hany meniň taryhym diýseň, taryh ýokdy. Hatda Türkmenistan Respublikasynyň döreýşiniň çyn taryham ýokdy!

T.J. Ýaşuly, indi jemläp aýtsak, sistemanyň zorlugy aýrylmasa, özlerini garaşsyz duýýan şahslar döremese, entekler biziň taryhymyz dogruçyl ýazylmaz.

K.M. Arman, şol şeýle, real ýagdaý şeýle. Sütem nähili çök¬der bolsa-da, ýokardan basyş nähili güýçli bolsa bolubersin, taryhy şahsyýetler barada hakykaty ýazjak bolýan şahsyýet derejesindäki taryhçy, edebiýatçy dürli şertde-de döredip bilýär. Sen hemişe gowy bir mysal getirýärsiň: ýandak asfalty ýaryp çykýar!

## 8. Jüneýit han. Atabaýew. Başgalar

T.J. Türkmen taryhy, aýratynam sowet döwrüniň taryhy aýry-aýry döwürlere bölünen. Türkmen halkynyň ykbal çözgüdine degişli wakalaryň oýnan rolunda häsiýetli alamatlara üns bereliň. Meselem, Oktýabr rewolýusiýasynyň bolan mahaly ol bada-bat türkmen halkyna täsir edipdi diýip bolmaz. Ol sarsgyn has ýokarlary, rus häkimliginiň dolandyryş edaralaryny sarsdyrypdy. Emma kollektiwleşdirme wagtynda, türkmenler kolhozlara zorluk bilen salnyp başlananda, adamlaryň ykdysady taýdan bokurdaklaryna ýapyşylanda, türkmen aýaga galdy, eline gylyç alyp galdy, özüniň böleklenýändigini, parçalanýandygyny gördi. Barly toparyň wekilleri emläklerini gidermezlik üçin

ýarag alyp ata çykdy, namys urşuna çykdy. Eger şu döwre türkmenleriň graždanlyk urşy diýilse, has dogry bolar.
Men “Janserek” romanymda şu ýagdaýdan ugur almakçy bolupdym, siziň şoňa dogry düşüneniňizi bilýän. Taryhçy¬lar bu synpy çaknyşygy basmaçylyga garşy göreş hökmünde görkezmäge çalşan bolsalar-da, türkmenleriň arasynda ilki ýer-suw reformasynyň, soňra kolhoz gurluşygynyň uruş ýagdaýyna, onda-da, graždanlyk urşunyň ýüz bermegine getirendigine mende berk ynanç bar. Siz şol döwri tary¬hçy hökmünde gowy bilýärsiňiz. Aýratynam Jüneýit hanyň hereketini seljermekden ötri, ýerlikli pikirleriňizi eşidipdim. Jüneýit hana hem-de beýleki şahslara Atabaýewiň gatnaşygy, onuň basmaçylyk babatda alyp baran syýasaty baradaky garaýyşlaryňyz biziň üçin gymmatly. Bir söhbetdeşlikde siz: meniň üçin basmaçylyk hereketi türkmeniň milli azat edijilik hereketini aňladýar diýipdiňiz. Şu aýdanyňyzy has aýdyňlaşdyryp berseňiz, gowy boljak.

K.M. Basmaçylyk temasy bir söhbediň çäginden giň tema. Düýbünden işlenilmedik, gynansagam, şu günem işlenmeýän, bu ýakynda işlenmejek tema. Ony kim işlejek? Ýazyp biljek adam asla barmy? Meniň döwürdeşlerimden-ä ýazjak adam ýok, gaýraty çatyp, ýapyşyp biljegem ýok. Çensiz agyr tema bolup galýar. Men basmaçylyga milli azat ediş göreşi diýýän. Şu barada ýazmakçy hem boldum, çykyşam etdim. “Türkmenistanyň taryhyna materiallar” diýen kitabymyzda bir zatlar aýtjagam boldum, biraz öňürtiräk aýtdymam diýýän. Maňa garşy bolanlaram kän boldy, boljagynam bilýärdim, geň zat ýok. Sebäbi, şol barada üýtgeşik pikir aýtmaga bu nesliň özi taýýar däl, bilenok. Men diýip öňe çykyp ýören intelligensiýa wekilleriniň, ýazyjylaryň, hudožnikleriň, teatr işgärleriniň, alymlaryň we şuňa meňzeşleriň özleri taýýar däl.

T.J. Ideologiýa bilen kesellänler.

K.M. Hawa, ideologiýa bilen kesellän! Ideologiýa bolsa, basmaçylygy aýylganç görnüşde görkezen. Türkmenler XIX asyryň 60-80-nji ýyllarynda Rossiýa doly tabyn edilipdi. Ozal Garaguma arkasyny dirän türkmen horluk çekenem bolsa, özüni

erkana duýupdy. Erkinligini ýitirenden soň esli mahal göreşe galyp bilmändi. Diňe ýigriminji asyryň on altynjy ýý¬lynda başyny galdyrypdy. On altynjy ýylyň halk gozgalaňy diýip köp aýdylýardy, ol hakda romanlarda-da ýazyldy, ýöne onuň hakyky keşbini görkezip bilmediler. B.Kerbabaýewiň "Aýgytly ädim", Derýaýewiň "Ykbaly"… ýöne ideologiýa urdy gitdi. Beki Seýtäkowyň "Doganlar" roman-a oýunjaga meňzeş zat.

T.J. Eger ýalňyşmaýan bolsam, on altynjy ýylyň wakasyny sowet gündogarynda diňe gazak ýazyjysy Muhtar Auezow "Lihaýa godina" diýen powestinde hakyky tragediýa öwüşgini bilen görkezmegi başarypdy diýse bolar.

K.M. Hawa, menem ol powesti okapdym, mende şol bol¬malam. Biziňkiler ýüzleý ýazdylar, şeýdip galdy gidiberdi. Soňra ýigriminji ýyllarda basmaçylyk hereketi Orta Aziýa giň ýaýrady, türkmenlerem içine aldy. Bizde göreşiň güýçli geçen ýeri Demirgazyk Türkmenistan, ýagny, Daşhowuz welaýaty, Horezm tarapy. Muňa-da Jüneýit han baş boldy. Ol 1918-nji ýylda Hywa hanyny tagtdan düşürip, hanlyk ygtyýaryny alsa-da, resmi taýdan özüni han diýip yglan etmändi. 20-nji ýylda hanlyk ýykyldy, bu hem uly bir gürrüň, muny uzaldyp otur¬maýyn. Şeýlelik bilen Jüneýdiň göreşi başlandy. 1924-nji ýyla geldi, munda-da güýç bilen göreşi ýatyrdylar. Atabaýewiň tagallasy bilen türkmenler Horezm Respublikasynyň düzü¬minden alyndy, ol barada gürrüň etdik. Şol mahal basmaçy¬lyk az-kem togtapdy. Indi Jüneýdi nädip bärik çekmeli diýen mesele Atabaýewiň öňünde durdy.
Jüneýde doganlyk duýgusy bilen çemeleşäýse, hökümetdäkiler Atabaýewe düşünjek däller, ony ýok etjekler. Şu duýgusyny töweregindäkilere-de aýdyp bilenok, Nedirbaýa aýdan bolmagy ähtimal, syr ynanyşýany. Ahyry Atabaýew bir oýun salýar. Jüneýit hanyň ýanyna adam iberýär, türkmeniň men diýen mollalaryny iberýär, özem hana hat ýollaýar, Atabaýewiň yzly-yzyna ýazan hatlary bar, mende şolar bar. Wasdan ýer bermegi wada edýär, öz raýonyňy döret diýýär goramak meniň bilen diýýär. 1925-nji ýylda birinji guramaçy¬lyk gurultaýyna

çagyrýar. Jüneýit hanam mekir adam, gatnaşmaga geläýse, ele düşmek howpunyň bardygyny ýatdan çykaranok. Atabaýewiň çagyrany bilen onuň ýeke däldigini bilip dur, Atabaýewiň töweregindäkilere ynamy ýok. Başga biri babatda şol howp dogry bolup çykypdy…
Jüneýit han ýaly özüne men diýip ýören Gulamaly han gelýär, Aşgabada çagyrýarlar, gelende Köşüde ýeňsesinden pyçaklap öldüripdirler. Atabaýew hyrçyny dişläp galyberýär, NKWD ony Atabaýewe duýdurman alýar.
Jüneýit han gelmedi, öz wekilini iberip oňdy. Wekili işan-molladan ybarat topar, olary öldürip ýörmegiň geregi ýok. Şonda ýörite karar çykarylýar, Wasy Jüneýdiň raýony diýdiler, hökümdary-da Jüneýit han. Han çalarak ynanan kişem boldy, ýöne ýanyna adam goýbermedi. Şeýlelik bilen biraz köşeşilene meňzedi. Emma 1927-nji ýylda Jüneýit gaýtadan baş göterdi. Munuňam sebäbi bar. Günbatar Türkmenistanda-da, Ahal, Mary sebitlerinde-de ýer-suw reformasy geçirilip, barlylaryň ýeri, suwy alnyp başlandy welin, Jüneýit han derrew howpy aňdy, olaryň ýer-suwy alynsa, menem gaýgyryp goýmazlar diýdi, ata çykdy. Şeýlelik bilen diňe Jüneýdiň mesgen tutan ýerinde däl, tutuş Daşhowuz welaýatynda ýer-suw reformasy geçirilmedi, şu uly wakada Jüneýdiň gös-göni täsiri bar. Şu tä¬sir barada biziň taryhçylarymyz ýazmadylar, ýazmak müm¬kin däldi.
Soňra Jüneýdi gysyp başladylar, ol ýigrimi ýedinji ýylda öz nökerleri bilen Eýrana geçdi, emma Eýran şasy ony kabul etmejekdigini aýtdy. Jüneýit ahyry Eýranyň üsti bilen Owg¬anystana geçmäge rugsat sorady, şa oňa-da razylyk bermedi, sebäbi Rza şa sowet hökümeti bilen arany bozmak islemedi.

T.J. Türkmen kimmiş oňa!

K.M. Türkmen nämesine gerek? Jüneýit kimmiş! Garaz, alaçsyz ýagdaýa düşen Jüneýit ýene serhetden bäri geçýär. Dag eteginden daşlaşman, bukdaklap gidişine Pulhatyna ýetýär. Pulhatyn Guşgy bilen Saragtyň aralygynda.

T.J. Üç döwletiň: SSSR-iň, Eýranyň, Owganystanyň serhetleriniň birleşýän ýeri.

K.M. Şol ýere ýetende-de Jüneýit söwetleriň duzagyna düşýär, aýylganç gyrgynçylyk bolýar. Şol söweşiň bolan ýerine baraýyn, göreýin diýip gezdim, dürli bahana bilen ahy-ram baryp bilmedim.
Gyrgynçylykdan habarly adamlar depe saçyňy düýrükdirýän faktlary aýdýarlar, gözi bilen görenler bar. Ejesi okdan ölüpdir, çagajygy ejesini emip ýatyr. Gyrlyşyk şu derejä ýetýär. Adam süňkleriniň üsti-üstüne üýşüp ýatan ýerleri bar diýdiler. Watançylyk urşuna gitdim, frontda şuňa meňzeş aýylganlyklary gözüm bilen görmeli bolupdy.
Jüneýit az sanly aman galan nökeri bilen Owganys¬tana geçýär, emma işan-molla, aýal-ebtat topar tutup, onuň yzyndan galanok. Olary kowmaga ynsaby çatanok. Jüneýit namazhon adam, okuň astynda-da bäş wagt namazy okapdyr. Halka ýakyn durany üçin ilat ony halapdyr, emma ony şeýle bir zalym, şeýle bir ganhor edip görkezdik, heý, goýaý! Şu meselede diňe taryhçylar däl, ýazyjylaram juda işeňňirlik görkezdiler. Diňe Beki Seýtäkowyň edenem ýeterlik, soňra Rahym Esenowyň edişi!.. Aglaberesiň gelýär. Menem özümi aklajak bolamok, menem şol döwrüň taryhçysy, menem Jüneýdi ýazgaryp ýazanlaryň biri.
Men ýene bir zady aýdaýyn. Bir sebäp bilen Garagalpagystana düşdüm, şol döwrüň taryhyny ýazmak meniň paýyma düşdi. Menem Jüneýit han hakynda ýazdym welin, özbek alymlarynyň biri: Muhammetberdiýew Jüneýit hany aklaýar, basmaçylygy aklaýar diýdi. Onda biri gapdaldan çykyp: ol nähili aklaýarmyş, ynha, ol Jüneýit hany garalap ýa¬zypdyr ahyry diýdi. Özbek hä diýmedi, gaýta: ony gahryman edip görkezişine seret, halkyň ony goldaýşyna seret diýdi-de, ýaňky sanaşdyryp, özümiň üns bermedik ýerlerimem özüme görkezip, meni dymdyraýdy, dogrusy, çykyş etmäge gaýratymam çatmady. Onuň aýdanlary dogry ýaly bolup barýar. Asyl men ony basmaçy diýip ýazgarýan halda ýazan kişi bolubam, gahryman edäýipdirin, türkmenleri gahryman edipdirin. Orta Aziýanyň taryhynda basmaçylary gahryman edipdirin. Jüneýit hany bolsa uly bir serkerde edäýipdirin. Gaty gidipdirin. Soňky ýazanlarymda az-kem aşak düşdüm. Onsoňam, redaktor, redkollegiýa diýip bir bela bardy. Depäňde-de Roslýakow otyr…

Söhbetdeşlik